# Esedulla Oguz

Category: Kitapcy,Türkmen dili,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 24 января, 2025
Esedulla Oguz ESEDULLA OGUZ




Asly türkmenistanly žurnalist Esedulla Oguz 1968-nji ýylda Owganystanyň Gunduz şäherinde dünýä indi. Oguzyň maşgalasy otuzynjy ýyllarda Staliniň zorlukly kollektiwizasiýa syýasaty netijesinde ýitip-ýok bolma howpy abanansoň, Türkmenistandan Owganystana göçdi we Gunduz şäherine ýerleşdi. 1979-njy ýylda basybalyjylykly sowet operasiýasynyň başlamagy bilen Oguz maşgalasynyň ýaşaýan ýeri sowet istrebitelleri tarapyndan bombalanyp, maşgala ikinji gezek dogduk depesini taşlap göçmäge mejbur boldy we segseninji ýyllaryň başynda Türkiýä göçdi.




## • Üç ýurtda bilim

Esedulla Oğuz heniz çaga ýaşyndaka ýurtdan göçmäge mejbur bolnandygy üçin üç dilde we üç ýurtda bilim aldy. Ol başlangyç bilimini Owganystanda, liseýi Türkiýede, ýokary bilimi Germaniýada aldy. Ömrüniň ýigrimi ýylyny Günbatarda

(Germaniýada), beýleki ýigrimi ýylyny-da Gündogarda (Owganystanda we Türkiýede) geçiren Esedulla Oguz her iki medeniýetiñ adamlarynyñ düşünjesini we ýaşaýşa bolan garaýyşlaryny ýakyndan synlama we öwrenme mümkinçiligini tapdy.




- **Žurnalist**

Oguz 1988-nji ýylda talyp bolup okap ýörkä, Germaniýada merkezi Mýunhen şäherinde bolan «Radio Liberty» amerikan radiosynyñ garamagyndaky iki ýyllyk editor kursuny tamamlandan soñ bu radio yñ türkmen dilinde gepleşik berýän bölüminde sekiz ýyl editor we redaktor-spiker (alyp baryjy) bolup işledi. Oguz «Radio Liberty»-däki bitiren işleri üçin şol wagtyñ ABŞ-nyñ Prezidenti Bill Klintondan minnetdarlyk hatyny aldy. Ýerli we daşary ýurt gazet-žurnallarynyñ birnäçesinde Orta Aziýa we Owganystan boýunça 500-den gowrak makalasy çap edilen Oguzyñ Türkmenistandan we Owganystandan söz açýan üç kitaby bar.
2001-nji ýylyñ oktýabrynda «Doğan Kitap» neşirýatynda çapdan çykan «Nyşanada Owganystan» («HEDEF ÜLKE AFGANİSTAN») terrorçylykly hüjümleriñ ýygy-ýygydan bolýan döwründe uly gyzyklanma döredipdi.




• **Bank işgäri**

Togsanynjy ýyllaryň ortalarynda «Radio Liberty»-niň merkezini Mýunhenden Praga geçirmegi bilen radiodan çykan Oguz Mýunheniň Ludwig Maksimillian adyndaky uniwersitetiň garamagynda ýokary okuw jaýlarynyň birinde (Betriebswirtschaftslehre) bank ugrundan okap, býužetde fond we gymmatly kagyzlar boýunça işleýän nemes banklarynyň birinde işledi. Emma bank işiniň özüne laýyk iş däldigini gören Oguzyň karýerasy 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabr teraktyndan soň düýbünden täze ugra gönükdi.




• **Geňeşçi**

Esedulla Oğuz 11-nji sentýabr teraktyndan soň nemes goşunyna Owganystan boýunça ýörite hünärmen bolup işe girdi we Kýoln şäheriniň ýanyndaky Psihologik hereket merkezinde «ýurt geňeşçisi» (Landeskundlicher Berater) bolup işledi. Sekiz aýlyk düýpli harby bilim we türgenleşikden soň nemes goşunynda maýor çini bilen işe başlan Esedulla Oguz 2004-2007-nji ýyllarda Owganystanda ISAF-da Psihologik hereket serkerdesi

bolan nemes polkowniginiñ geñeşçisi bolup işledi. Sebite beletligi we çuññur tejribesi bilen ýolbaşçylarynyñ öwgüsine mynasyp bolan Oguz Owganystandaky bitiren işleri üçin nemes goşunynyñ bürünç medaly we NATO-nyñ hyzmat medaly bilen sylaglandy.




- **Sebit hünärmeni**

Maşgala ýagdaýy sebäpli 2008-nji ýylyñ ahyrynda Germaniýadan Türkiýä dolanan, häzirem Stambulda ýaşaýan Esedulla Oguz birnäçe wagt bäri «NEWSWEEK» žurnalynda Orta Aziýa, Owganystan, Päkistan boýunça makalalar bilen çykyş edýär. Owganystanda bolan ýyllarynda Prezident köşgi, owgan patyşalyk maşgalasy, halk deputatlary, goşun generallaryn ýerli žurnalistler we Kabuldaky daşary ýurtly gumanitar guramalaryñ wekilleri bilen dostana gatnaşyklary bolan Oguz sebitde çuñ habar çeşmelerine eýe. Oguz aýratynam Owganystandaky ýaly kän bolmasa-da, Päkistanda we Orta Aziýada aragatnaşyk saklaýan möhüm çeşmeleri bar. Şonuñ üçinem ol habar çeşmelerini birinji elden edinip bilýär.




- **Bäş dil bilýär**

Türkmen dili bilen birlikde türk, pars, iñlis, nemes dillerini suwara bilýän Esedulla Oguz gazak, özbek, gyrgyz dillerini-de düşünip-gepleşik biljek derejede gowy bilýär. Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly